# Dilli tüýdük

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dilli tüýdük DILLI TÜÝDÜK




«Gelsin-eý Aýjemal,
Gel-eý Aýjemal»,
Zaryn owazyny dilli tüýdügiň,
Äkitmeýär häzir ötegçi şemal,
Sarsdyrmaga gyz öýüniň tüýnügin.
Aý ýüz Aýjemal ýok,
Şemal ýok, ýel ýok,
Bu wagt juda tukat ýalazy meýdan.
Meýdanda heserli mukamdan ýer ýok,
Heseri hesel deý ýalady meýdan.

Bu ümmülmez sähra baş egdi şo hal,
Çalýan zaryn owazyna tüýdügiň.
«Gelsin-eý Aýjemal,
Öwüs-eý şemal»,
Barýar ýürek ýumak deýin tüýdülip.

«Gelsin-eý Aýjemal
Eý, şemal çagyr»,
Tüýdügiň agysy ganatyn gerýär.
Ýüzi solgun sähra gussaly häzir,
Ne Aýjemal gelýär,
Ne şemal gelýär.